Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň 2026-njy ýylyň
23-nji fewralynda çykaran 32-Ö
buýrugy bilen tassyklandy

# Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň, şeýle hem olary satyn almagyň, satmagyň, çalyşmagyň we sowgat bermegiň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň, şeýle hem olary satyn almagyň, satmagyň, çalyşmagyň we sowgat bermegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk – Kanun) 24-nji maddasynyň dokuzynjy bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we elguşlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek, olary satyn almak, satmak, çalyşmak we sowgat bermek bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertipde «Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen düşünjelerden başga-da şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

1) **elguşlar** – aw awlamagyň barşynda ulanylýan laçyn şekilli guşlar (bürgüt, laçyn, ütelgi we beýlekiler);

2) **elguşlaryň eýeleri** – aw awlamakda ulanmak we (ýa-da) köpeltmek, şu Tertipde bellenilen maksatlara ulanmak üçin elguşlary saklaýan ýuridik ýa-da fiziki şahslar;

3) **elguşlary Türkmenistana getirmek –** elguşlary Türkmenistanyň döwlet serhedinden ýurduň içine girizmek;

4) **elguşlary Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmek –** elguşlary Türkmenistanyň döwlet serhedinden daşyna alyp gitmek;

5) **elguşlary satyn almak –** ylalaşylan nyrhy töläp, elguşa bolan eýeçilik hukugyna eýe bolmak;

6) **elguşlary satmak –** ylalaşylan nyrhy alyp, elguşy, ona degişli resminamalary we oňa bolan eýeçilik hukugyny satyn alyja bermek;

7) **elguşlary çalyşmak –** elguşlar baradaky eýeçilik hukugyny birek-birege bermek;

8) **elguşlary sowgat bermek** – elguşuň eýesi elguşy satyn alýanyň razyçylygy bilen oňa elguşy mugt bermek;

9) **ygtyýarly edara** – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi;

10) **CITES Konwensiýasy** – Ýabany ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy hakynda Konwensiýa. Türkmenistan bu Konwesiýa “Ýabany ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy hakynda Konwensiýa

goşulmak hakynda” 2024-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanuny esasynda goşulyşan;

11) **kapasa –** elguşlary saklamaga niýetlenilen demirden ýa-da gözenekden ýasalan guş ýataklary.

3. Şu Tertibiň talaplarynyň eýeçiliginiň görnüşine garamazdan elguşlary saklamak bilen meşgullanýan ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

4. Elguşlaryň eýeleri özüne degişli elguşy ygtyýarly edarada we Türkmenistanyň Elguş awçylarynyň milli jemgyýetinde (mundan beýläk – Jemgyýet) hasaba aldyrmalydyrlar.

5. Elguşlaryň eýeleri özüne degişli elguşy hasaba aldyrmak üçin ygtyýarly edara arza (şu Tertibe 1-nji goşundy) bilen ýüz tutýarlar. Ygtyýarly edaranyň Ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak müdirligi 5 (bäş) iş gününiň dowamynda arza seredýär we elguşy hasaba alyp, onuň eýesine Elguşuň hasaba alyş şahadatnamasyny (şu Tertibe 2-nji goşundy) resmileşdirip berýär.

6. Elguşlaryň eýeleri Elguşuň hasaba alyş şahadatnamasynyň nusgasyny 5 (bäş) iş gününiň dowamynda Jemgyýete hasaba aldyrmak üçin tabşyrmalydyrlar.

## II bap. Elguşlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek

7. Elguşlary Türkmenistana getirmek we Türkmenistanyň çäginden alyp gitmek ygtyýarly edara tarapyndan berlen Elguşlary Türkmenistana getirmäge we onuň çäginden daşyna alyp gitmäge rugsatnama (mundan beýläk – rugsatnama, şu Tertibe 3-nji goşundy) bolan ýagdaýynda ýol berilýär.

8. Türkmenistana getirmek we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän elguşuň görnüşi CITES Konwensiýasynyň goşundylaryndaky sanawyna girýän bolsa, onda şeýle elguşlary Türkmenistana getirmek we (ýa-da) Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmek CITES Konwensiýasynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr we bu Konwensiýanyň talaby boýunça jogapkär milli edara – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan berlen ýörite rugsatnamanyň bolmagy hökmandyr.

9. Elguşlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek bilen meşgullanýan ýuridik ýa-da fiziki şahslar (mundan beýläk – gyzyklanýan şahs) rugsatnama almak üçin ygtyýarly edara erkin görnüşinde ýazylan arza bilen ýüzlenýärler we arzanyň ýanyna şu aşakdaky resminamalary goşýarlar:

1) ýuridik şahslar:

a) döwlet tarapyndan bellige almak baradaky şahadatnamanyň nusgasy;

b) Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň we Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy;

ç) elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksadyny tassyklaýan resminama (halkara sergilerine, elguşlar bilen aw awlamak boýunça halkara ýaryşlaryna, ýarmarkalaryna gatnaşmak üçin çakylyk,

haýwanat baglarynyň arasynda (şol sanda seýrek görnüşler boýunça) alyş-çalyş etmek boýunça ylalaşyk we ş.m.);

d) Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän elguşlaryň görnüşleriniň türkmen, iňlis we rus dillerindäki atlary görkezilen sanawy;

e) Türkmenistana getirmek (getirilýän döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan berlen weterinariýa sertifikaty) we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän elguşlaryň sagdynlygyny tassyklaýan Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet weterinariýa gullugy tarapyndan berlen weterinariýa resminamasy;

ä) elguşlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilende olaryň suraty we elguş barada doly maglumaty (görnüşiň ady, tebigatda tutulan ýeri ýa-da elde ösdürilip ýetişdirilen ýeri, eýesiniň ady, guşuň ýaşy, jynsy, reňki we beýleki aýratynlyklary) özünde jemleýän elguşuň hasaba alyş şahadatnamasy;

f) eger-de, elguş tebigatdan tutulan bolsa ygtyýarly edara tarapyndan awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnamanyň nusgasy, eger elguş elde ösdürilip ýetişdirilen bolsa ony tassyklaýjy resminama;

g) elguşlaryň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleri şu Tertibiň on dokuzynjy böleginde görkezilen maksatlar üçin Türkmenistana getirmek ýa-da Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän halatynda, ygtyýarly edaranyň teklibi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde alnan ylalaşyk;

2) fiziki şahslar:

a) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň nusgasy;

b) şu bölegiň 1-nji bendiniň “ç-g” kiçi bentlerinde görkezilen resminamalar.

11. Rugsatnama almak üçin arza we onuň ýanyna goşulan resminamalar ygtyýarly edaranyň Ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak müdirliginiň işgäri tarapyndan kabul edilýär. Rugsatnama almak üçin berlen resminamalaryň dogrulygyna gyzyklanýan şahs jogapkärçilik çekýär.

12. Ygtyýarly edara gyzyklanýan şahsyň rugsatnama almak üçin beren arzasyna, arzanyň berlen gününden başlap 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda seredýär we rugsatnamany bermek ýa-da ony bermekden ýüz döndermek barada çözgüt kabul edýär.

13. Gyzyklanýan şahsyň arzasy boýunça oňyn çözgüt kabul edilen mahalynda, ygtyýarly edara 3 (üç) iş gününiň dowamynda oňa hat üsti bilen resmi habar berýär.

14. Rugsatnamanyň hereket ediş möhleti 60 (altmyş) günden ybaratdyr. Rugsatnama ygtyýarly edara tarapyndan bir asyl nusgada we nusgada resmileşdirilip, asyl nusgasy ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanylýar we gyzyklanýan şahsa gowşurylýar, nusgasy ygtyýarly edarada hasabatlylyk üçin saklanylýar. Görkezilen möhletde ulanylmadyk rugsatnama güýjüni ýitirýär we ulanylmadyk rugsatnama 10 (on) iş gününiň dowamynda ygtyýarly edara yzyna gaýtarylyp berilmäge degişlidir we

gyzyklanýan şahs rugsatnama almak üçin ygtyýarlandyrylan edara gaýtadan ýüz tutmaga hukugy bardyr.

15. Rugsatnama “Aw awlamak we aw baýlyklaryny goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 51-nji maddasyna we “Haýwanat dünýäsi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 42-nji maddasyna laýyklykda tölegli esasda resmileşdirilip berilýär we ondan gelýän serişdeler ygtyýarly edaranyň býujetden daşary serişdelerini emele getirýär.

16. Rugsatnamany bermekden ýüz döndermäge şu aşakdakylar esas bolup durýar:

1) gyzyklanýan şahsyň rugsatnama almak üçin beren resminamalary doly bolmadyk mahalynda;

2) gyzyklanýan şahsyň rugsatnama almak üçin beren resminamalaryndaky maglumatyň takyk däldigi ýa-da ýoýulandygy ýüze çykarylan halatynda;

3) elguşlary Türkmenistana getirmegiň we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksatlary şu Tertibiň on dokuzynjy bölegine laýyk gelmedik ýagdaýynda.

17. Gyzyklanýan şahsa rugsatnama bermekden ýüz dönderilen ýagdaýynda, oňa 3 (üç) iş gününiň dowamynda bu barada hat üsti bilen resmi habar berlip, ýüz döndermegiň sebäpleri düşündirilýär we olary aradan aýyrmak üçin 10 (on) iş gün möhlet berilýär.

Berlen möhletiň dowamynda gyzyklanýan şahs ýüze çykarylan kemçilikleri düzedip, resminamalaryny täzeden tabşyryp bilýär.

18. Rugsatnama bermekden ýüz dönderilmegine «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şikaýat edilip bilner.

## III bap. Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksady

19. Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksady şulardan ybarat:

1) ylmy-barlag işlerini geçirmek;

2) halkara sergilerine we ýarmarkalaryna gatnaşmak;

3) elguşlar bilen aw awlamak boýunça halkara ýaryşlaryna gatnaşmak.

20. Elguşlaryň ylmy-barlag işlerini geçirmek üçin Türkmenistana getirilmegine we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine şular degişlidir: elguşlaryň keselini anyklamak, elguşlaryň täze görnüşlerini ýerli şertlere uýgunlaşdyrmak, öňki ýitip giden ýerlerini täzeden dikeltmek, täze göçürilen ýerleriniň howa şertlerine uýgunlaşmagyna gözegçilik etmek, elguşlaryň ýitip barýan görnüşleriniň populasiýasyny dikeltmek.

21. Elguşlaryň halkara sergilerine we ýarmarkalaryna gatnaşmak üçin Türkmenistana getirilmegine we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine şular degişlidir: elguşlary gorap saklamak we üznüksiz köpeltmek boýunça gazanylan üstünlikleri dünýä ýaýmak, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bu ugurdaky gatnaşyklary ýola goýmak, elguşlaryň ýitip barýan görnüşlerini dikeltmek,

biodürliligi gorap saklamak meselesi boýunça ilatyň ünsüni çekmek, maýadarlaryň we hemaýatkärleriň kömegini çekmek, elguşlary gorap saklamak we köpeltmek boýunça tejribe alyşmak, haýwanat dünýäsiniň obýektleri boýunça halkara bileleşiginde ýurdumyzyň abraýyny galdyrmak.

22. Elguşlar bilen aw awlamak boýunça halkara ýaryşlaryna gatnaşmak üçin elguşlaryň Türkmenistana getirilmegine we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine halkara derejesinde resmi ýagdaýda geçirilýän elguşlar bilen aw awlamak boýunça ýaryşlara gatnaşmak degişlidir.

## IV bap. Elguşlar Türkmenistana getirilende we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gidilende bildirilýän talaplar

23. Elguşlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende ähli elguşlaryň eýeleri tarapyndan weterinariýa-sanitariýa howpsuzlygy, düzgünleri, kadalary we gigiýena ölçegleri berjaý edilmelidir.

24. Elguşlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende ýokanç keselleriniň Türkmenistanyň çägine aralaşmagynyň öňüni almak maksady bilen olar diňe Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerinde guralýan weterinariýa gözegçilik nokatlaryndan geçirilmelidir.

25. Elguşlar Türkmenistana getirilende olaryň alnyp gaýdylan döwletiniň degişli gulluklary tarapyndan berlen elguşlaryň howply ýokanç kesellerden arassadygyny tassyklaýan weterinariýa resminamasynyň bolmagy hökmandyr.

26. Elguşlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende kapasalar peýdalanylmalydyr. Elguşlaryň ýerleşdirilen kapasalary elguşlara şikes ýetmez ýaly derejede enjamlaşdyrylan bolmalydyr. Elguşlar daş-töwerekdäki adamlardan, zarlardan gorkmaz ýaly olaryň gözleri daňylan bolmalydyr.

27. Ozal getirilen elguşlar Türkmenistandan alnyp gidilen mahaly olaryň sany ilkibaşdaky sanyndan köp bolmaly däldir.

## V bap. Elguşlary satyn almak, satmak, çalyşmak we sowgat bermek

28. Elguşlary satmak, satyn almak elguşuň eýesi bilen ony satyn alyjynyň arasyndaky özara ylalaşyk esasynda amala aşyrylýar.

29. Elguşlar bilen aw awlamak sungatyny ösdürmek, şeýle hem elguşlaryň genofondyny gowulandyrmak, tohum çalşygyny geçirmek maksady bilen elguşlaryň çalşyrylmagyna we sowgat berilmegine ýol berilýär.

30. Elguşlary satmak, satyn almak, çalyşmak, sowgat bermek elguşuň eýesiniň razylygy (islegi) bilen amala aşyrylýar. Şunda elguşy satmak, satyn almak, çalyşmak, sowgat bermek barada şertnamanyň baglaşylmagy talap edilmeýär.

31. Elguşlar satylanda, satyn alnanda, çalşyrylanda, sowgat berlende elguşuň eýesiniň çalyşmagy bilen baglylykda, elguşuň hasaba alyş şahadatnamasy şu Tertibiň talaplaryna laýyklykda umumy esasda gaýtadan resmileşdirilmäge degişlidir.

32. Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen elguşlaryň Türkmenistanyň çäginden daşyna satylmagy, çalşyrylmagy we sowgat berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

## VII bap. Jemleýji düzgünler

33. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ygtyýarly edara hem-de Jemgyýet gözegçilik edýärler.

34. Şu Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.

35. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

36. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň, şeýle hem olary satyn almagyň, satmagyň, çalyşmagyň we sowgat bermegiň tertibine 1-nji goşundy

**Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligine**

______________________________
______________________________
______________________________
(pasport boýunça maglumaty we salgysy)
______________________________
______________________tarapyndan
Telefon:_______________________

**Arza**

Maňa degişli bolan elguşy hasaba almagyňyzy haýyş edýärin.

Elguşuň görnüşi____________________________________________

Elguşuň doglan wagty _____________________________________

Elguşuň aýratynlyklary ____________________________________

“____”_________20___ý.

_________________________
(familiýasy, ady, atasynyň we goly)

Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň, şeýle hem olary satyn almagyň, satmagyň, çalyşmagyň we sowgat bermegiň tertibine 2-nji goşundy

**Elguşuň hasaba alyş şahadatnamasy №**

| | |
|---|---|
| Elguşuň görnüşi | Elguşyň 6 x 9 sm ölçegdäki suraty |
| Tebigatdan tutulan ýeri<br>ýa-da elde ösdürilen ýeri | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| Elguşuň eýesi (A.A.A., ýaşaýan salgysy) | |
| | |
| | |
| Elguşuň eýesiniň agzalyk şahsyýetnamasy barada maglumat № | |
| | |
| | |
| Elguşuň aýratynlyklary(jynsy, ýaşy, reňki) | |
| Hasaba alnan wagty | |

Elguşlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň, şeýle hem olary satyn almagyň, satmagyň, çalyşmagyň we sowgat bermegiň tertibine 3-nji goşundy

**Elguşlary Türkmenistana getirmäge we onuň çäginden daşyna alyp gitmäge rugsatnama № 00000**

____________________________________________________________

(Fiziki şahslar üçin – familiýasy, ady we atasynyň ady, öý salgysy we pasport maglumatlary

____________________________________________________________

ýuridik şahslar üçin – rekwizitleri)

sany_____________________________________________________

(san we harp bilen ýazmaly)

____________________________________________________________

____________________________________________________________

(elguşuň görnüşiniň türkmençe, iňlisçe we rusça atlary, şeýle hem elguşuň ýaşy, jynsy, ýumurtgasy, tohumy we ş.m.)

Türkmenistana getirmäge/Türkmenistandan daşyna alyp gitmäge rugsat berildi.

Getirmegiň/alyp gitmegiň maksady ____________________________

____________________________________________________________

Weterinar gullugy tarapyndan berlen resminama ___________________

____________________________________________________________

(degişli gullugyň ady we salgysy, resminamanyň belgisi we berlen senesi)

Elguşuň Türkmenistandan äkidilmegi meýilleşdirilýän görnüşi Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen bolsa ygtyýarly edaranyň teklibi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde alnan ylalaşyk haty _______

____________________________________________________________

____________________________________________________________

(hatlaryň belgisi we berlen senesi)

Türkmenistana getirilmegi ýa-da Türkmenistandan äkidilmegi meýilleşdirilýän görnüş CITES Konwensiýasynyň goşundylaryndaky sanawa girýän bolsa, onda bu Konwensiýa boýunça jogapkär milli edara – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan berlen rugsatnama

____________________________________________________________

____________________________________________________________

(rugsatnamanyň belgisi we berlen senesi)

Rugsatnamanyň möhleti 20___ý. “    ” _______dan 20___ý. “    ”_______ çenli hereket edýär.

Ýolbaşçy ________________________________________________

(goly we möhüri, familiýasy, ady we atasynyň ady)